# Sataşypdyk habarsyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sataşypdyk habarsyz SATAŞYPDYK HABARSYZ

Şo-ol güÿz güni sataşypdyk habarsyz,
«Salam!» diýip gygyrýardy gursagym.
Ýygralygym ýol bermändi diýmäge,
Soňam giden ýoluň yzlap ugradym.

Birden gözlerimden gaýyp bolaýdyň,
Töwerekde senden galan yz ýokdy.
Seni görüp bilmezligiň gorkusy-
Hamala, bagryma sünjülen okdy.

Başymy egdim-de dolandym yza,
Ýol boÿy sen hakda hyýal ýöretdim.
Bilýänle, men seni gaýdyp görmerin,
Şonda-da ýüregme höküm ýöretdiň.

Garaňky asmanyň, Aýyň astynda,
Giden ýollaryňdan öýe barýaryn.
Görüp bilmesemem huşumda seni,
Gijelerne düÿşlerimde görýärin.

Isa HOJAMERDANOW. Goşgular